# Garahassa keseliniñ lukmanlary nämüçin çüñkli maskalary dakýardylar?

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 24 января, 2025
Garahassa keseliniñ lukmanlary nämüçin çüñkli maskalary dakýardylar? GARAHASSA KESELINIŇ LUKMANLARY NÄMÜÇIN ÇÜŇKLI MASKALARY DAKÝARDYLAR?




XVII asyrda adamlar şeýle görnüşdäki eşigiň zäherli howany arassalaýandygyna ynanýardylar. Ýöne bu dogry däldi.
XVII asyryň Ýewropasynda ýaýran köpçülikleýin ýokanç kesel döwründe lukmanlar kesellerden goranmak üçin çüňkli maskalary (ýüz örtüklerini), deriden edilen ellikleri we syýy uzyn paltolary (plaşlary) geýýärdiler.
Garahassa (çuma) keseli bir mahallar dünýäniň iň gorkunç keseli bolup durýardy. Bu kesel öňüni alyp bolmajak sebitleýin kesellerde ýüz millionlarça adamyň ýoguna ýanyp, pidalaryny

agyryly çişe, mäz tokgalaryna, garalşan hama we beýleki gorkunç simptomlara sezewar edip bilýärdi.
XVII asyryň Ýewropasynda garahassanyň pidalaryna sereden lukmanlar şol wagtdan bäri ýakymsyz keşbe bürenen eşik geýipdirler: olar boýdan başa endamyňy ýapyp duran eşigiň üstünden guşuň çüňküne meňzeş çüňki bolan maska dakypdyrlar. Garahassadan goranmak üçin çüňkli maskalary dakmak – bu howply keseliň döreýşi baradaky ýalňyş pikirden gelip çykýardy.




Bu döwürde hyýarjymak garahassa ýokanjynyň ýaýran oba-şäherleri baýlardyr garyplar üçin ýörite garahassa keseliniň lukmanlaryna iş tapyp berdi. Bu lukmanlar goraýjy dürüşdeleri ulanmagy we garahassany dep edip biläýjek em-ýomlary maslahat berýärdiler, ölüm ýassygynda ýatan näsaglaryň iň soňky wesýetlerine şaýat boldular, ekspertiza seljermelerini geçirdiler. Käbirleri bularyň üstünde işlände çüňkli maskalary ulandy.
Eşigiň XVII asyrda birnäçe Ýewropa korollygynyň medisina üpjünçiligine sereden lukman Şarl de Lormäniň taýýarlandygy aýdylýar. Şol korol maşgalalarynyň arasynda Luis XIII-niň we Mariýa de Mediçiniň ogly Gaston d’Orleans hem bardy.
Lormäniň suratlandyryşyna görä, bu eşik: ysly ary balynyň mumyýasy çalnan penjekden, aýakgaba baglanan balakdan, dar köýnekden, geçi derisinden edilen şypyrtma we ellikden ybarat. Şeýle-de, garahassa keseliniň lukmanlary ýanlarynda kesele uçranlary dürtgülemäge (ýa-da bulaýlap özünden daşlaşdyrmaga) kömek edýän uzyn taýagam göteripdir.
Ýöne kellä geýilýän zatlar welin täsindi: lukmanlar äýnek we tumşugy 15 santimetre ýetýän çüňkli, burun deşikleriniň gabadynda iki deşigi atyr bilen doldurylan maska dakypdyr. Emma bu maska dem almaga we ot-çöpleriň ysyny howa bilen almaga ýeterlik bolupdyr.
Ýewropadaky garahassa keseliniň lukmanlarynyň şeýle eşikleri

geýendigine garamazdan, Italiýada şeýle bir ikonikdi welin, “garrahassa lukmany” italýanlaryň “commedia dell’arte” we karnawal çäreleriniň aýrylmaz bölegine öwrüldi, hatda artistlere häli-häzirlerem şeýle eşigi geýmek ýoňa öwrülen däp bolmagynda galýar.



Wenesiýalylar şäher karnawallaryna gatnaşmak üçin garrahassa lukmanlary ýaly geýinýärler. Şu ýyl koronawirus bilen baglanşykly ýagdaýlar sebäpli şeýle medeni çäreleriň soňky iki güni geçirilmän galdy.

Bu gorkunç eşik diňe ölüm howply modany aňlatmaýardy: eşik lukmany hapa howadan goramak üçin taýýarlanypdy. Kesel ýolukdyryjy mikrob teoriýasyndan öňki döwürlerde lukmanlar adamyň hüý-häsiýetinde ýa-da onuň endamyndan bölünip çykýan suwuklyklarda bulaşyklyk döredýän zäherli yslaryň howa arkaly ýaýraýandygyna ynanýardylar. Hoşboý we ýiti ysly atyrlaryň garahassa keseliniň ýaýran ýerini dezinfeksiýa edýär we burny goraýar diýip düşünýärdiler. Güller, hoşboý ysly ot-çöpleri tütetmek we beýleki atyr önümleri şol döwürde giňden ýaýrapdyr.

Garahassa keseliniň lukmanlary maskalaryny elli bäşdenem köp ösümlikden, alahöwren (гадюк) ýylanyň etiniň külkesinden, tarçyndan (корица), mirradan we bal ýaly başga-da birnäçe zatlaryň goşundysyndan ýasalan mäjümdan doldurýardylar. Lorme maskanyň çüňk şekliniň lukmanlaryň burun deşiklerine we öýkenine girmezden owal howany goraýjy ösümlikleriň ysynyň tutmagy üçin ýeterlik wagt berjekdigini oýlapdyr.




Aslynda garahassa haýwanlardan adamlara, bit-büre çakmagy netijesinde ýa-da asgyrmadyr üsgülewük ýoly arkaly ýolugyp bilýän bakteriýasy “Yersinia pestis”-den ýaýrapdyr.
Keseliň düýp sebäbi, ýüze çykma alamatlary bilinmänkä üç gorkunç garahassa epidemiýasy adamzadyň taryhynda howpurgadyjy tejribeleri başdan geçirtdi: biziň eýýamymyzdan öňki 561-nji ýyllarda günde 10 müň adamyň ganyna galan ýustinian garahassasy, 1334-1372-nji ýyllarda ýewropalylaryň üçden birine çenli ýok eden we 1879-njy ýyla çenli arakesmeli epidemiýalar bilen dowam eden “Gara ölüm” we 1894-1959-njy ýyllarda Aziýa ilatynyň aglaba bölegini gyran üçünji pandemiýa tolkuny.




Netijede garahassa lukmanlarynyň ýörite eşikleriniň we ulanan tilsimleriniň üýtgeşik beren peýdasynyň bolmandygyny aýdyp bileris. Garahassa keseliniň lukmanlary adamlaryň arasynda çalt tanalanam bolsa, keseli dörediji mikrob teoriýasynyň we zamanabap antibiotikleriň ösüşine çenli olaryň eşikleri kesele garşy hakyky goragy üpjün edip bilmedi.
# National Geographic.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Medisina